# Tomusda Gün

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tomusda Gün TOMUSDA GÜN




Jokrama yssyda yssylap, tomus,
Ýetdim bir agajyň kölegesine.
Janym aram tapdy, oýlandym şonda,
Sag bol aýtsam bu kölegä dessine.
Durla, bu kölegä kölege salýan,
Kerkaw agajam-a dur alkymynda.
Alkyş aýtmalysy agaç bolmasyn?!
Ýa başga syr barmy oň salkynynda?!

Owaz geldi: “Syr bar, geňsi bir syr bar,
Geň ýeri, şol syram aňýana aýan.
Han-ha, tomus tylla lybasyn geýnen,
Gün gülüp seredýär üstünden gaýaň.

Ekläp dur, saklap dur agajy güneş,
Günüň edýän oýny kän bärde gaty”.
Sag bol diýýän Güne, durmuş durkuna,
Yssyladýar, kölgeledýär, sazlaýar
bu tebigaty!

2020 ý. Goşgular